[redacted]

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
# K A R A R Y

«18» noýabr 2013 ý                    № 13313                    Aşgabat ş.

**«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Medeniýet hepdeliginde ulanylan enjamlaryň we materiallaryň tölegi hakynda**

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Medeniýet hepdeliginde ulanylan enjamlar we materiallar boýunça hasaplaşyklary geçirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyna «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Medeniýet hepdeliginde emeli derýanyň içinde sahna gurnamakda hem-de feýerwerkleri guramakda ulanylan enjamlar we materiallar üçin Hytaý Halk Respublikasynyň «Forever Wise (Hong Kong) Limited» kompaniýasy bilen umumy bahasy 14 500 878 (on dört million bäş ýüz müň sekiz ýüz ýetmiş sekiz) amerikan dollary bolan şertnamany bellenen tertipde baglaşyp, onuň bahasyny öz serişdeleriniň hasabyna tölemäge ygtyýar bermeli.

2. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary B.Hojamuhammedow, A.Goçyýew, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygy T.Japarow, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň baş direktory T.Tagyýew we Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy B.Atdaýew gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**                    **Gurbanguly Berdimuhamedow**